# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANLARY

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1501 Türkmenistanyň Şweýsariýa Konfederasiýasynda (Ženewa şäheri) Ilçihanasyny açmak hakynda**

Türkmenistanyň Şweýsariýa Konfederasiýasynda (Ženewa şäheri) Ilçihanasyny açmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 08-i.*
*№ PP-5850*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1502 E. M. Aýdogdyýew hakynda**

Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky edarasynyň ýanyndaky Türkmenistanyň Hemişelik wekili **Esen Muhammedowiç Aýdogdyýewi** şol bir wagtda Türkmenistanyň Şweýsariýa Konfederasiýasyndaky (Ženewa şäheri) Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 08-i.*
*№ PP-5851*



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1503 N. H. Atagulyýew hakynda**

**Nökerguly Hojagulyýewiç Atagulyýewi,** başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Täjigistan Respublikasyndaky (Duşenbe şäheri) Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 08-i.*
*№ PP-5852*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1504 N. H. Atagulyýew hakynda**

**Nökerguly Hojagulyýewiç Atagulyýewi** Türkmenistanyň Birleşen Arap Emirliklerindäki (Abu-Dabi şäheri) Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipesine bellemeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 08-i.*
*№ PP-5853*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1505 Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankyny döretmek hakynda**

Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini, ykdysadyýetimiziň düzümleýin özgerdilmegini hem-de köpugurlylygyny üpjün etmek üçin döwletiň maýa goýum işlerini kämilleşdirmek we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak, işläp taýýarlaýan önümçiligi ösdürmek, telekeçilik işini amala aşyrýanlaryň